# «AK ŞÄHERIM AŞGABAT 2026» ATLY XXV HALKARA SERGISI WE MASLAHATY

*Binagärlik. Innowasiýa. Durnukly ösüş.*

2026-njy ýylyň 24–25-nji maýy
Aşgabat, Türkmenistan

www.ashgabat-white-city.com

White City Ashgabat 2026

INTERNATIONAL EXPO & CONFERENCE

Aşgabat şäher häkimligi

TGweBM

## GURAMAÇYLAR

S&P Global Energy

## INTELLEKTUAL HYZMATDAŞ

TEF Turkmen Energy Forum

## ÝARDAMÇY GURAMAÇY

ALTYN ASYR

ARKADAG

Energy Intelligence

THE INVESTOR BY BEYOND INVESTMENTS GROUP

NEWSBASE WHAT, WHY AND WHAT NEXT

Shams Al Yum

ИНТЕРФАКС

TURKMENPORTAL

Ain Al-Alam News

Gulf Tourism Journal

euronews.

THP

24 МИР

Future News Agency (Al-Mustaqbal)

NEBIT-GAZ

BT BUSINESS Turkmenistan

TRT

Mejaletelfn

nCa News Central Asia

Elghad_Newspaper

Akher Al-Ahdath Newspaper.

TURKMENISTAN

HN HEIDI NEWS

ASWAQ 10 YEARS

KazahArabWorld

Media Hub International LLC

MY DUBAI NEWS

trend news agency

## MEDIA HYZMATDAŞLAR

# MAZMUN


6 ÇÄRE BARADA

12 MASLAHATYŇ MAKSATNAMASY

18 MASLAHATA GATNAŞMAGYŇ ŞERTLERI

20 WEKILLER ÜÇIN ZERUR MAGLUMATLAR




**Hormatly hanymlar we jenaplar!**

Guramaçylyk komitetiniň adyndan Sizi 2026-njy ýylyň 24–25-nji maýynda Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinde geçiriljek “Ak şäherim Aşgabat – 2026” (WCA 2026) XXV köpugurly halkara sergisine we maslahatyna gatnaşmaga çagyrýarys.

Bu çäre şäherleri durnukly ösdürmek, döwrebap binagärligi kemala getirmek we şäher düzümini döwrebaplaşdyrmak ugrundaky Türkmenistanyň döwlet syýasatyna laýyklykda guralýar. Forum ak mermerli paýtagtyň – Aşgabadyň gününe, Aşgabat şäheriniň 145 ýyllyk şanly baýramyna hem-de Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyna bagyşlanýar.

“Binagärlik. Innowasiýalar. Durnukly ösüş” şygary astynda geçiriljek WCA 2026 maslahaty paýtagtymyzyň döwrebap şäher gurluşygy, infrastrukturany ösdürmek we sanly transformasiýa ulgamyndaky gazananlaryny görkezer, şeýle hem Aşgabadyň geljegini kemala getirýän esasy maýa goýum taslamalaryny we ösüş mümkinçiliklerini hödürlär.

Ýyllaryň dowamynda geçirilen “Ak şäherim Aşgabat” halkara sergisi we maslahaty döwlet düzümleriniň ýolbaşçylaryny, halkara maýadarlaryny, dünýä belli kompaniýalary we şäher gurluşygy boýunça hünärmenleri birleşdirýän, tejribe alyşmak, strategik gepleşikler we maýa goýum hyzmatdaşlygy üçin ykrar edilen halkara meýdançasyna öwrüldi. Gatnaşyjylar maslahat we sergi maksatnamasyndan başga-da, täze hyzmatdaşlyklary ýola goýmaga hem-de maýa goýum taslamalaryna gönükdirilen işewürlik mejlislerine, ikitaraplaýyn duşuşyklara we hünär derejesindäki çekişmelere gatnaşyp bilerler.

Gatnaşmak şertleri we çäräniň maksatnamasy barada goşmaça maglumat almak üçin resmi web-saýta girmegiňizi haýyş edýäris: www.ashgabat-white-city.com

Sizi Aşgabatda geçiriljek bu ähmiýetli halkara çäresiniň hormatly myhmany we gatnaşyjysy hökmünde görmäge sabyrsyzlyk bilen garaşýarys.

**Guramaçylyk komitet**

| | | |
|---|---|---|
| **Rahym Gandymow,**<br>**Aşgabat şäheriniň häkimi** | **Mergen Gurdow,**<br>**Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň başlygy** | **Nazar Atajanow**<br>**“Türkmen Energiýa Forum” HJ-niň müdiri** |

# XXV Halkara sergi we maslahat “Ak şäherim Aşgabat 2026”

Sene
24–25 maý 2026

## Garaşylýan netijeler:

**500+**
wekiller

**30+**
Ýurtlar

**200+**
Işewür duşuşyklar

**2**
Maslahat maksatnamasy

**5**
Pudaklaýyn mejlisler

## Esasy ugurlar:

- Binagärlik
- Gurluşyk
- Şäher düzümi
- Energetika
- Gaz-himiýa senagaty
- “Smart city” (Akylly şäher) tehnologiýalary

## // MASLAHATYŇ GEÇIRILÝÄN ÝERI

Olimpiýa Myhmanhanasy

Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 17






## // SERGINIŇ GEÇIRILÝÄN ÝERI

Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy

Aşgabat ş., Çandybil şaýoly, 143

## // ÇÄRE BARADA

Türkmenistanyň ak mermerli paýtagty Aşgabat — Merkezi Aziýada döwrebap şäher gurluşygynyň iň täsirli we özboluşly nusgalarynyň biridir.

“Ak şäherim Aşgabat – 2026” halkara sergisi we maslahaty aşakdaky meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin ählumumy meýdançany hödürleýär:

· Şäherleriň durnukly ösüşi
· Infraskturany döwrebaplaşdyrmak
· Maýa goýum taslamalary
· Senagat we energetika ösüşi.

Forum döwlet düzümleriniň, halkara guramalaryň, maliýe institutlarynyň, inženerçilik kompaniýalarynyň we maýadarlaryň wekillerini birleşdirýär.

## // STRATEGIK UGURLAR

Maslahat Aşgabadyň geljegiň döwrebap şäheri hökmündäki ösüş nusgasyny görkezýär.

Nusganyň esasy elementleri:

· Döwrebap binagärlik
· Inženerçilik düzümi
· Sanly tehnologiýalar
· Durnukly energiýa çözgütleri
· Ekologiýa taýdan durnuklylyk.

Arkadag akylly şäheriniň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär. Bu şäher Türkmenistanyň milli şäher gurluşyk strategiýasynyň täze tapgyry hem-de şäher düzümini kemala getirmekde döwrebap binagärlik, inženerçilik we sanly çözgütleri ornaşdyrmagyň aýdyň nusgasy hökmünde garalýar.





# // ÖSÜŞIŇ ESASY UGURLARY

**Şäher infrastrukturasy**

· Ulag ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmak;
· Ýol ulgamyny ösdürmek;
· Inženerçilik kommunikasiýalaryny täzelemek.

**Gurluşyk**

· Döwrebap gurluşyk tehnologiýalaryny ornaşdyrmak;
· Gurluşyk serişdeleriniň önümçiligini ýerlileşdirmek.

**Senagat ösüşi**

· Senagat parklary;
· Tehnologik klasterler;
· Senagat önümçiligi.

**Energetika we durnukly ösüş**

· Energetika düzümini ösdürmek;
· Gaýtadan dikeldilýän energetika;
· Gazhimiýa senagaty.

# // MAÝA GOÝUM MÜMKINÇILIKLERI

Aşgabat halkara hyzmatdaşlygy üçin giň mümkinçilikleri açýar. Maýa goýumlaryň esasy ugurlary:

· Şäher ulag düzümi;
· Inženerçilik ulgamlary;
· Sanly infrasktura;
· «Akylly şäher» (Smart City) tehnologiýalary;
· Gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi;
· Energetika düzümi;
· Gazhimiýa senagaty.



# 2025-NJI ÝÝLYŇ FORUMYNYŇ ESASY NETIJELERI

2025-nji ýylda geçirilen «White City Ashgabat 2025» halkara sergisi we maslahaty 100-den gowrak halkara kompaniýalaryny şeýle-de 10 000-den gowrak hünärmen myhmanlaryň ünsüni özüne çekdi we dünýäniň 30-dan gowrak ýurdundan gatnaşyjylary bir ýere jemledi. Bu çäre gepleşikler geçirmek, hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek we maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin sebitiň öňdebaryjy meýdançasy hökmündäki ornuny has-da berkidip, döwlet-hususyýetçilik hyzmatdaşlygynyň giňelmegine hem-de milli ösüşiň ileri tutulýan ugurlarynyň ilerlemegine ýardam etdi. Çäräniň esasy netijeleriniň biri hökmünde düzümleri ösdürmek, senagat hyzmatdaşlygy, ulag ulgamlary we toplumlaýyn şäher çözgütleri ýaly ugurlary öz içine alýan köp sanly özara düşünişmek hakyndaky ähtnamalaryň we hyzmatdaşlyk ylalaşyklarynyň gol çekilmegini görkezmek bolar.

**Iň ähmiýetli maýa goýum netijeleriniň arasynda:**

- «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen «Daewoo Engineering & Construction» kompaniýasynyň arasynda Türkmenabat şäherinde mineral dökünlerini öndürýän toplumy gurmak boýunça 682 million ABŞ dollary möçberindäki şertnama;
- Aşgabat şäher häkimligi bilen «Zoomlion Environmental Industry Co., Ltd.» kompaniýasynyň arasynda şäher düzümini döwrebaplaşdyrmaga gönükdirilen 960 sany ýöriteleşdirilen jemgyýetçilik hojalygy tehnikasyny satyn almak boýunça bahasy 54 million ABŞ dollaryndan gowrak bolan ylalaşyk bar.

Gazanylan netijelere esaslanyp, «White City Ashgabat 2026» forumynyň maýa goýum işjeňliginiň mundan beýläk-de artmagyna, halkara hyzmatdaşlygyň giňelmegine hem-de şäher gurluşygy, gurluşyk, senagat we energetika pudaklarynda täze giň gerimli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine goşant goşmagyna garaşylýar.

# GURAMAÇYLAR KOMITETINDAN WE DÖWLET ÝOLBAŞÇYLARYNDAN ÝÜZLENMELER

***Baýmyrat Annamämmedow, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary:***

Halkara Parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda “Ak şäherim Aşgabat” atly XXV köpugurly Halkara sergisiniň we maslahatynyň geçirilmegi aýratyn ähmiýete eýedir. Aşgabat häzirki zaman, durnukly, ýaşaýyş üçin amatly we ynamly ösýän şäher hökmünde, halkara hyzmatdaşlygyna we maýa goýumlaryna doly açykdyr. Sergi we onuň yzysüre geçirilýän maslahat bolsa durnukly we umumy ösüşiň hatyrasyna netijeli gepleşikleriň, tejribe alyşmalarynyň hem-de hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň täsirli meýdançasyny döredýär.



***Rahym Gandymow, Aşgabat şäheriniň häkimi:***



Merkezi Aziýanyň merjeni bolan ak mermerli Aşgabat – parahatçylygyň, ynanyşmaklygyň we hyzmatdaşlygyň merkezidir. “Ak şäherim Aşgabat” atly XXV köpugurly Halkara sergisine we maslahatyna” gatnaşyjylary biziň şäherimiz buýsanç we myhmansöýerlik bilen garşy alar, ylaýtada bu çäre biziň açyk gapylar syýasatymyzyň hem-de halkara hyzmatdaşlygyna bolan ygrarlylygymyzyň aýdyň beýanydyr. Myhmansöýer türkmen topragy hemişe maýadarlara açykdyr we durnukly ösüşiň tarapdarlarynyň ählisini ýagty geljegiň sebäpkäri bolmaklaryna çagyrýarys. Döredýän, ruhlandyrýan we birleşdirýän şähere maýa goýuň!

***Toýguly Nurow, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministri:***

Ak şäher Aşgabat” atly XXV köpugurly Halkara sergisi we maslahaty – Türkmenistandaky yzygiderli ösüşleriň, durnukly, döwrebap we açyk ykdysadyýetiň aýdyň subutnamasydyr. Aşgabadyň ösüşi bolsa häzirki zaman şähergurluşyk çemeleşmeleriniň we senagat tehnologiýalarynyň durnuklylyk hem-de oýlanyşykly döwlet syýasaty şertlerinde üstünlikli durmuşa geçirilýändigini nusgasydyr. Türkmenistanda gurluşyk we senagat ulgamlary maýa goýumlary üçin ygtybarly we geljegi uly ugurlar bolup, özara peýdaly halkara hyzmatdaşlygyna giň mümkinçilikleri hödürleýär.



# TESWIRLER

***Filipp Merlin, Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi:***



Meniň “Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň gurluşyk, senagat we energetika pudaklaryny döwrebaplaşdyrmakda innowasiýalar” atly jemleýji mejlisiniň alyp baryjysy hökmünde gatnaşmagym, Türkmenistanyň öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly durnukly ösüşe bolan ymtylmasyna has çuňňur baha bermäge mümkinçilik döretdi. Fransiýa Respublikasy Aşgabadyň “akylly” we ekologiýa taýdan arassa şäheri döretmek baradaky başlangyçlaryna ýokary baha berýär

***Beata Peksa, Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi:***

Ýewropa Bileleşigi üçin şäherleriň durnukly ösüşi we "ýaşyl" ykdysadyýet meseleleri ileri tutulýan ugurlardyr. Biz Aşgabadyň mysalynda şäheriň özboluşly aýratynlygyny saklap, innowasiýalary nädip sazlaşykly ornaşdyryp bilýändiginiň we ösýändiginiň aýdyň nusgasyny görýäris. “Ak şäherim Aşgabat” ýaly forumlar ýurtlaryň arasyndaky özara düşünişmegi berkidýär hem-de täze hyzmatdaşlyklar üçin amatly binýat döredýär, bu bolsa ahyrky netijede ähli gatnaşyjylaryň rowaçlygyna ýardam edýär





***Maýkl Lisfeld, «S&P Global Commodity Insights» barlaglar boýunça direktory:***

Maslahata gatnaşmak meniň üçin örän möhüm waka boldy. Meniň çykyşym polimerleriň dünýä bazarlaryna syn bermäge we Türkmenistanyň tebigy gazy monetizasiýalaşdyrmak boýunça mümkinçiliklerine gönükdirildi. Tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýän Türkmenistan halkara kompaniýalary we maýadarlary üçin örän uly gyzyklanma döredýär. Şu nukdaýnazardan, “Daewoo Engineering & Construction” kompaniýasy bilen “Türkmenhimiýa” döwlet konserniniň arasynda mineral dökünlerini öndürýän zawodyň gurluşygy boýunça şertnamanyň gol çekilmegini aýratyn bellemek gerek. Bu ylalaşygyň özi dünýäniň himiýa senagatynda uly ähmiýetli wakadyr



# MEJLISLER

**1-nji gün** | Ýekşenbe, 24-nji maý

Tegelek stoly

**12:00 - 13:15** ---------- **TSSE**

## ÄHLIUMUMY DIALOAGDAN ÝERLI HEREKETLERE: DURNUKLY, INKLUZIW WE AKYLLY ŞÄHERLERI ÖSDÜRMEK

- Durnukly şäher gurluşygyny meýilleşdirmek we infrastruktura ösüşi
- Energiýa netijeliligi we pes uglerodly şäher ulgamlary
- Akylly şäherler we sanly transformasiýa
- Ählitaraplaýyn, ýaşaýyş üçin amatly we durnukly şäherler
- Ýaşlaryň gatnaşmagy we şäher dolandyryşynyň geljekki liderligi

Plenar mejlis

**15:00-16:00** ---------- **“Olimpiýa” myhmanhana**

## DURNUKLY, AKYLLY WE DÜNÝÄ BILEN BAGLANŞYKLY PAÝTAGTYŇ GURLUŞYGY

Türkmenistan özüniň uzak möhletleýin milli ösüş strategiýasyny durmuşa geçirýän döwründe, Aşgabat şäheri döwrebap şäher gurluşygyny, öňdebaryjy düzümi we durnukly ösüş ýörelgelerini özünde jemleýän nusgalyk paýtagt hökmünde kesgitlenildi. Bu mejlisde şäheriň geljegi üçin strategik garaýyşlar, şol sanda düzümiň, energetika ulgamynyň, senagat ösüşiniň we ekologiýa durnuklylygynyň bitewi şäher ulgamyndaky sazlaşygy ara alnyp maslahatlaşylar

- «Aşgabat 2045» strategik garaýşy we toplumlaýyn şäher ösüşi
- Aşgabady maýa goýumlaryň we innowasiýalaryň sebit merkezi hökmünde kemala getirmek
- Infrastruktura, senagat we energetika ulgamlarynyň sazlaşygy
- Şäher dolandyryşynda sanlylaşdyrma we akylly ulgamlar
- Ekologiýa durnuklylygy we arassa şäherleri ösdürmegiň strategiýalary
- Geljege taýýar paýtagt şäherleri kemala getirmekde halkara hyzmatdaşlygy

**2-nji gün** | Duşenbe, 25-nji maý

Mejlis 1

**09:00-10:00** ---------- **“Olimpiýa” myhmanhana**

## AKYLLY ŞÄHER ÖSÜŞI: ÖŇDEBARYJY GURLUŞYK, SERIŞDELER WE INFRASTRUKTURA ÇÖZGÜTLERI

Döwrebap şäherleriň ösdürilmegi inženerçilik kämilligini, kämil serişdeleri we sanly tehnologiýalary özünde jemleýän toplumlaýyn gurluşyk ulgamyny talap edýär. Bu mejlisde gurluşyk syýasatynyň, senagat kuwwatynyň we halkara tejribesiniň giň gerimli, ýokary hilli şäher ösüşine berýän goldawy öwreniler.

- Giň gerimli şäher infrastrukturasyny kemala getirmek we taslamalary durmuşa geçirmek
- Döwrebap gurluşyk serişdelerini öndürmek we ýerli şertlere uýgunlaşdyrmak
- Sanly gurluşyk tehnologiýalary (BIM, emeli aň, akylly gözegçilik ulgamlary)
- Gurluşygy senagatlaşdyrmak we taýýar gurluşyk böleklerini ulanmak çözgütleri
- Durnukly binagärlik we serişdeleri tygşytlaýjy şäher taslamasy
- Gurluşykda we serişde ulanyşynda aýlawly ykdysadyýet ýörelgeleri
- Giň gerimli şäher infrastrukturasyny kemala getirmekde halkara tejribesi



*“ Maslahat diňe bir pikir alyşmak üçin meýdança bolman, eýsem ol sebitiň ykdysadyýetini täzeden düzmäge ukyply täze gatnaşyklary ýola goýmak, bilelikdäki taslamalary işläp düzmek, şeýle hem tehnologik çözgütleri kesgitlemek üçin başlangyç nokat bolup hyzmat edýär. ”*

**LÝOU SÝU**

Tehniki enjamlaryň importy we eksporty boýunça Hytaýyň milli korporasiýasynyň Prezidenti

Mejlis 2

10:30 - 11:30 "Olimpiýa" myhmanhana

## ŞÄHERI ÖZGERTMEGI MALIÝELEŞDIRMEK: MAÝA GOÝUM NUSGALARY, DÖWLET-HUSUSY HYZMATDAŞLYGY WE MAÝANY ÇEKMEK

Bäsleşige ukyply gurluşyk pudagy döwrebap önümçilige, himiýa senagatyna we toplumlaýyn üpjünçilik zynjyryna esaslanýan güýçli senagat binýadyny talap edýär. Bu mejlisde senagat ösüşiniň şäher gurluşygyna goldaw bermegi we uzak möhletleýin ykdysady gymmatlyk döretmegiň ýollary seljeriler.

- Gurluşyk serişdeleri senagatyny ösdürmek (sement, aýna, keramika, garyşyk himiki toplumlaýyn serişdeler)
- Gaz-himiýa we nebit-himiýa önümçilik zynjyryny giňeltmek
- Senagat önümçiligini infrastruktura ösüşi bilen utgaşdyrmak
- Kämil önümçilik we senagaty sanlylaşdyrmak («Senagat 4.0»)
- Serişde netijeliligi we has arassa senagat önümçilik tehnologiýalary
- Ýerleşdiriş (lokalizasiýa) strategiýalary we üpjünçilik zynjyryny ösdürmek
- Senagat toparlaryndaky maýa goýum mümkinçilikler

Mejlis 3

11:00 - 12:00 "Olimpiýa" myhmanhana

## DÖWREBAP ŞÄHERLER ÜÇIN ENERGETIKA ULGAMLARY: HOWPSUZLYK, NETIJELILIK WE DURNUKLY ÖSÜŞ

Şäherleriň ösdürilmegi we senagatyň giňelmegi ygtybarly, netijeli we geljege gönükdirilen energetika ulgamlaryny talap edýär. Bu mejlisde durnukly şäher ösüşini goldamakda we ekologiýa görkezijilerini gowulandyrmakda adaty we dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň orny öwreniler.

- Ygtybarly energetika ulgamlaryny şäher düzümini meýilleşdirmek işine utgaşdyrmak
- Şäher we senagat ösüşinde tebigy gazyň orny
- Dikeldilýän we garyşyk (gibrid) energiýa çözgütlerini ösdürmek
- Binalarda we infrastruktura ulgamlarynda energiýa netijeliligi
- Gazy gaýtadan işlemäge esaslanýan senagatlaşdyrma we köp energiýa sarp edýän pudaklar
- Şäherleriň howasynyň hilini gowulandyrmak we zyňyndylary azaltmagyň ýollary
- Şäher ösüşinde energetika howpsuzlygyny berkitmek



*"Sebitde köp ýyllyk iş tejribesi bolan biziň kompaniýamyz üçin "Ak şäherim Aşgabat" diňe bir sergi bolman, eýsem täze işewürlik gatnaşyklaryny ýola goýmak we hakyky taslamalary ara alyp maslahatlaşmak üçin okgunly meýdançadyr. Döwlet düzümleriniň wekilleri we potensial hyzmatdaşlar bilen göni aragatnaşykda bolmak aýratyn gymmatly boldy. Şeýle maslahatlar bize diňe bir öz mümkinçiliklerimizi görkezmäge däl, eýsem çylşyrymly düzümleýin wezipeleri durmuşa geçirmek üçin amatly çözgütleri tapmaga ýardam edýär, bu bolsa iri we orta telekeçiligiň ösmegine goşant goşýar "*

**WLADIMIR PETRUK**

«Interbudmontaj» kompaniýasynyň dolandyryjy direktory



ORGANISERS
Aşgabat şäher hökimligi
TG BM
CO-ORGANISER
tef
Vadim Skorobogatko
Director, BVS Construction company

## Işewürlik duşuşyklary we B2B gepleşikleri

Forum gatnaşyjylara maýa goýum taslamalaryny ara alyp maslahatlaşmaga hem-de halkara biznesiniň we döwlet düzümleriniň wekilleriniň arasyndaky işewürlik hyzmatdaşlygyny ösdürmäge gönükdirilen B2B we B2G duşuşyklaryny geçirmäge mümkinçilik berýär.










## Aragatnaşyk üçin kofe arakesmesi

Gatnaşyjylara häzirki meseleleri rahat ýagdaýda ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik berýän kofe arakesmeleri, konferensiýa maksatnamasyna hem girýär.

## Agşamlyk nahary

Mundan başga-da, wekiller işewürlik gatnaşyklaryny berkitmek üçin amatly şertleri döredýän «Gül Zaman» banket zalyna agşam naharyna çagyrylýar.






## Medeni dynç alyş ýerlerine gezelenç

WCA 2026-nyň dowamynda delegatlara resmi bolmadyk gatnaşyklar we işewürlik aragatnaşyklaryny ýola goýmak üçin dürli mümkinçilikler hödürlener. Maslahatdan öňki gün Aşgabat şäheri boýunça gezelenç, Türkmen halysynyň milli muzeýine, şeýle hem «Köne Nusaý» taryhy-medeni goraghanasyna baryp görmek meýilleşdirilýär.










## «Olimpiýa» myhmanhanasynda soňky kokteýl kabul edişligi

Bu çäre, «Olimpiýa» myhmanhanasynyň 10-nji gatynda ýerleşýän restoranda soňky kokteýl kabul edişligi bilen tamamlanar. Restoranyň türkmen milli aşhanasynyň özboluşly atmosferasy we tagamlary delegatlara Türkmenistanyň däp-dessurlary we medeniýeti bilen has gowy tanyşmaga mümkinçilik berer.



# FORUMA GATNAŞMAK



Sergi Gatnaşyjylara aşakdakylar üçin mümkinçilik berer:

- Maýa goýum mümkinçiliklerini öwrenmek;
- Tehnologiýalary we hyzmatlary hödürlemek;
- B2G we B2B formatlarynda gepleşikleri geçirmek;
- Döwlet sargytçylary we taslamalaryň düýbüni tutujylar bilen gatnaşyklary ýola goýmak;
- Halkara tejribeleri we öňdebaryjy usulyýetleri paýlaşmak;

# SERGI




Serginiň çäginde aşakdakylar görkeziler:

- Gurluşyk tehnologiýalary;
- Inženerçilik çözgütleri;
- Senagat enjamlary;
- Gurluşyk serişdeleri;
- «Akylly şäher» tehnologiýalary.



Eskpozisiýa kompaniýalara taslamalaryň esasy gatnaşyjylary we gyzyklanma bildirýän taraplar bilen göni aragatnaşyk saklamaga mümkinçilik berýär.

## NÄME ÜÇIN GATNAŞMALY?

- **B2G duşuşyklary: Degişli ministrlikleriň ýolbaşçylary we taslama sargytçylary bilen duşuşyklar.**
- **Maýa goýum mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak.**
- **Düzümleýin we senagat taslamalary bilen tanyşlyk.**
- **Tehnologik hyzmatdaşlyk.**
- **Innowasion çözgütleriň tanyşdyrylyşy.**
- **Halkara işewürlik gatnaşyklary**
- **Dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary bilen gatnaşygy ýola goýmak**

## MASLAHAT SANLARDA

**50+** çykyş ediji

•

**10+** mejlis

•

**300+** wekil

•

**30+** ýurtlar

## HALKARA GATNAŞYGY

**Forum dünýäniň 30-dan gowrak ýurdundan gatnaşyjylary bir meýdança jemlär. Gatnaşyjylaryň arasynda:**

- Gurluşyk kompaniýalary
- Energetika kompaniýalary
- Binagärlik býurolary
- Inženerçilik kompaniýalary
- Tehnologiýa kompaniýalary
- Maýa goýum gaznalary
- Halkara guramalary

# MASLAHATA GATNAŞMAGYŇ ŞERTLERI

| Kategoriýalar | Bahasy | Ýeňillikler |
|---|---|---|
| Türkmenistanyň gurluşyk, himiýa, senagat we energetika pudaklarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklara gatnaşmak üçin Halkara kompaniýanyň wekili | 500 USD | - Wiza goldawy<br>- Aeroportdan we myhmanhanadan geçişi<br>- Maslahata iki günlik gatnaşmagy<br>- Wekiller üçin eko-torba<br>- Çäräniň dowamynda geçirilýän kofe arakesmelerine, günortanlyk naharlaryna, kabul ediliş we sergä bagyşlanan agşamlyk naharlaryna gatnaşmaga bolan ygtyýary<br>- Maslahat maksatnamasynyň çäginde gezelençlere gatnaşmaga bolan ygtyýary<br>- Ministrlikleriň we bölümleriň ýokary ýolbaşçylary bilen duşuşyklara gatnaşmaga bolan ygtyýary<br>- Maslahatyň ähli prezentasiýalaryna we surat ýygyndylaryna bolan ygtyýary |
| Türkmenistanyň gurluşyk, himiýa, senagat we energetika pudaklarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşyklara gatnaşmak üçin Milli turkmen kompaniýanyň wekili | 3000 TMT | |



# «Ak şäherim Aşgabat 2026» Wekiller üçin maglumat

## HASABA DURMAK WE GATNAŞMAK

### WCA 2026-a nädip hasaba durmaly?

Hasaba alyş resmi web-saýt arkaly amala aşyrylýar:
https://ashgabat-white-city.com.

### Maslahat geçirilýän güni hasaba durup bolýarmy?

Maslahat geçirilýän ýerde hasaba alyş işleri alnyp barylmaýar.
· Şahsy gatnaşmak üçin hasaba durmagyň soňky möhleti — 17-nji maý.
· Onlaýn gatnaşmak üçin hasaba durmagyň soňky möhleti — 20-nji maý.

### Wekiliň bukjasyna nämeler degişli?

1. Wiza goldawy (6 günlik bir gezeklik wiza); *Wiza hyzmatlary tölegiň içine girenok*
2. Ähli plenar we tematiki mejlislere elýeterlilik;
3. Ýokary derejeli B2B we B2G duşuşyklaryna gatnaşmak;
4. Kompaniýa baradaky maglumatlaryň WCA 2026 katalogynda ýerleşdirilmegi;
5. Maslahatdan soňra portal arkaly prezentasiýalara elýeterlilik;
6. Arakesmeler, işewürlik günortan naharlary we gala-agşam nahary;
7. Delegat bukjasy (beýdj, bloknot, ruçka, fleşka, senenama);
8. Mugt transfer: howa menzili — myhmanhana — howa menzili;
9. Gündelik gatnaw: resmi myhmanhanalar we çäre geçirilýän ýerleriň arasynda awtobus hyzmaty.

### Hasaba duranymdan soňra gelip bilmesem näme etmeli?

Siz gatnaşmagyňyzy başga bir wekile tabşyryp (başga biriniň adyna geçirip) bilersiňiz. Bu barada çäre başlamazyndan azyndan 20 iş güni öň Guramaçylyklara habar bermeli (bu esasanam wiza zerurlygy bolan daşary ýurtly gatnaşyjylar üçin örän möhümdir).

### Bir kompaniýadan birnäçe wekil hasaba durup bilýärmi?

Bir kompaniýadan ýa-da guramadan delegatlaryň sany çäklendirilmedik. Gyzyklanma bildirýän gatnaşyjylaryň ählisi hasaba durup bilerler.

## WIZA GOLDOWY

### Wiza üçin resminamalary tabşyrmagyň iň soňky möhleti haçan?

Hasaba alyş 2026-njy ýylyň 17-nji maýynda tamamlanýandygy sebäpli, wiza üçin arzalary tabşyrmagyň iň soňky möhleti hem şol gün diýlip bellenildi. Wiza zerurlygy bolan ähli gatnaşyjylardan resminamalaryny görkezilen möhletden gijä goýman ibermeklerini haýyş edýäris.

### Tölegiň haýsy usullary bar?

- Bank arkaly
- Aşgabada gelnen wagty kredit kartoçkasy arkaly töleg

Töleg boýunça sowallar üçin: gozel.kurbanmamedova@tef-turkmenistan.com

### Guramaçylar wiza resmileşdirmekde ýardam berýärlermi

Hawa. Hasaba alyş tamamlanandan soňra, size wiza almak üçin resmi çakylyk haty beriler.

### Wizanyň resmileşdirilme möhleti nähili?

Wiza çakylyk haty (LOI) 10–14 iş gününiň dowamynda taýýarlanýar.

## Wiza resmileşdirmek üçin haýsy resminamalary tabşyrmaly?

1.Doldurylan wiza sowalnamasy (anketa)
2.Pasportyň nusgasy (hereket ediş möhleti 6 aýdan az bolmaly däl, 2 sany arassa sahypasy bolmaly)
3.Surat 3x4 sm (reňkli)
4.Myhmanhananyň brony barada tassyknama (Guramaçylyklar tarapyndan resmileşdirilýär)

## Wizany gelnen wagty (howa menzilinde) alyp bolýarmy?

Hawa, wiza çakylyk hatyny (LOI) görkezen ýagdaýyňyzda, wizany howa menzilinde alyp bilersiňiz.

## Wiza tassyklanmasa näme etmeli?

Hasaba alyş tölegi bank çykdajylary üçin 10% tutulyp, yzyna gaýtarylýar.

## Wizanyň hereket ediş möhleti nähili?

6 gün (wiza çakylygy çäre başlamazyndan 2 gün öň we çäre gutarandan 2 gün soň hereket edýär).
**Wiza boýunça sowallar üçin habarlaşmak:**
mahri.bekieva@tef-turkmenistan.com +993 71 622237

# ÝAŞAMAK WE ULAG ÜPJÜNÇILIGI

## Howa menzili we myhmanhananyň arasyndaky ulag hyzmaty goşulanmy?

Hawa, ulag hyzmaty mugt esasda üpjün edilýär.

## Delegatlar haýsy myhmanhanalarda ýerleşdirilýär?

Diňe resmi myhmanhanalarda: Olimp, Sport.
Brony Guramaçylar arkaly amala aşyryp bilersiňiz:
leili.malikova@tef-turkmenistan.com ýa-da şu çykgyt arkaly:
https://ashgabat-white-city.com/en/hotelform

White City Ashgabat 2026
INTERNATIONAL EXPO & CONFERENCE

### Myhmanhanalar we çäre geçirilýän ýeriň arasynda transfer hyzmaty göz öňünde tutulanmy?

Hawa, gündelik gatnaýan awtobus bolar.

### Ir gelmek/giç gitmek (early check-in/late check-out) mümkinçiligi barmy?

Hawa, goşmaça töleg esasynda mümkindir.

## GURAMAÇYLYK SOWALLARY

### Ýaşamak üçin töleg hasaba alyş tölegine girýärmi?

Ýok, ýaşamak üçin töleg aýratynlykda amala aşyrylýar.

### WCA 2026 halkara sergisi we maslahaty nirede geçiriler?

Maslahat «Olimpiýa» myhmanhanasynda geçiriler.
Sergi Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynda geçiriler.

### Çäre haýsy senelerde geçiriler?

2026-njy ýylyň 24–25-nji maýy (has giňişleýin maksatnama — www.ashgabat-white-city.com saýtynda).

### Haýsy dillerde maslahatyň mejlisleri geçiriler?

Mejlisler Türkmen, Rus, Iňlis dillerinde geçiriler
**Ýanaşyk terjime** üpjün ediler.

### Beýji we wekil bukjasyny nireden almaly?

· 23-nji maý, sagat 14:00–20:00 — «Olimpiýa» myhmanhanasy;
· 24-nji maý — çäre geçirilýän ýerde.

### Internet barmy?

Hawa, çäre geçirilýän ýerde Wi-Fi üpjün ediler.

### Wekiliň bukjasyna iýmit goşulanmy?

Hawa – kofe-arakesmeler, işewür-günortan naharlary, resmi kabul edişlikler we gala-agşam nahary.

## B2B AND B2G DUŞUŞYKLARY

### Maslahatyň çäginde duşuşyklary guramaga mümkinçilik barmy?

Hawa, maslahatyň çäginde öňdebaryjy energetika kompaniýalarynyň wekilleri we döwlet düzümleriniň esasy hünärmenleri bilen duşuşyklar guralar. Soraglar boýunça şu elektron poçta arkaly habarlaşyp bilersiňiz: selbi.gylyjova@tef-turkmenistan.com

### Duşuşyklar üçin nädip sorag bilen ýüz tutup bileris?

Hasaba duran wagtyňyz duşuşyk geçirmegi meýilleşdirýän wekilleriňizi görkeziň. Guramaçylar muňa laýyklykda degişli tertibi (meýilnamany) düzerler. Şeýle hem, öňünden duşuşyk soragnamasyny (Meeting Request Form) doldurmak zerurdyr.

# ÝURDUŇ IÇINDÄKI UÇUŞLAR WE SERHETDEN GEÇMEK

### Ýurda gury ýer serhet geçiş nokatlary arkaly girip bolýarmy?

Hawa, wiza çakylyk haty (LOI) bolan ýagdaýynda, resmi serhet geçiş nokatlary arkaly ýurda girip bilersiňiz.

### Terjimeçi hyzmaty üpjün edilýärmi?

Hawa, ýanaşyk terjime hyzmaty (rus-iňlis-türkmen dillerinde) hödürlenýär.

### Serhetden geçmek we ýurduň içindäki syýahatlar boýunça sowallar bilen kime ýüz tutmaly?

leili.malikova@tef-turkmenistan.com
+993 71 622237

HAS GIŇIŞLEÝIN MAGLUMAT ALMAK ÜÇIN PDF GÖRNÜŞINDÄKI ÝOLGÖRKEZIJINI ÝÜKLÄP ALMAGYŇYZY HAÝYŞ EDÝÄRIS.

# «AK ŞÄHERIM AŞGABAT 2026» ATLY XXV HALKARA SERGISI WE MASLAHATY

## Hasaba Duruň!

Hasaba durmak maýyň 17-ne çenli dowam eder

www.ashgabat-white-city.com